# Teke urugyndaky syçmaz adynyñ döreýşi hakynda

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Teke urugyndaky syçmaz adynyñ döreýşi hakynda TEKE URUGYNDAKY SYÇMAZ ADYNYÑ DÖREÝŞI HAKYNDA

Bu rowaýaty men ýaşulylardan eşitdim. Ir döwürlerde Türkmenleriñ dagynyk döwletsiz ýagdaýda oba gurup oturýan wagtlarynda Garagumyñ daga golaý sähralyklarynda bir teke türkmen obasy bolupdyr.
Onuñ hem hany bolupdyr. Ýöne ol hanyñ adyna näme diýip ýüzlenendiklerini bu rowaýaty gürrüñ beren ýaşulylar bilenoklar.
Bir gün goñşy obalaryñ birinde toý tutulypdyr. Şol toýa bu obanyñ hany hem barypdyr. Han öz ýany bilen teke beglerinem alyp gaýdypdyr.
Şonda toý bir hepdä çenli uzansoñ, han aga şol ýerde gijesini myhman bolup geçirmeli bolupdyr. Bir gün han aganyñ gulagyna onuñ öz obasyndaky jansyzy gelip habar getiripdir. Jansyzyñ habar bermegine görä dogduk Obanyñ duşmanlar tarapyndan tary-mar edilendigini, obany olja edip ýakyp-küle sowuryp gidendiklerini aýdypdyr.
Han aga beglerine duýdurman ata çykyp, oba tarap eñipdir.
Dogrudanam gelip görse obada diñe garry-gurtylar galyp, aýal-gyz, oglan-uşak diýmän olja baryny alyp ýakyp gidipdirler.
Ýaşulylar onuñ daşyna üýşüpdirler-de oba ýagy çozandygyny aýdypdyrlar. Bu zatlardan habarly han ýaşulylaryñ telpeklerini araba ýükläp atyñ yzyna arabyny tirkäp ýagylaryñ yzyny yzarlap gidiberipdir.
Talanan obada göwünli-göwünsiz galan bir ýaşuly beýlekileriñ ýüzüne seredip: »Häk, gitse-de gider welin syçar geler şü« diýipdir. Olaryñ arasynda han aga belet paýhasly ýaşuly bolsa: »Sen beý diýme syçmaz şü, ine görersiñ äkidilen zatlary yzyna alyp gelibiýr« diýipdir.

Han aga ýagynyñ yzyny yzlap olaryñ yzyndan ýetip ugranda olara görünmezden, olaryñ öñünden çykmak üçin öñürtiläpdir. Han aga olaryñ Uly gum depeleriniñ oý ýeri bolan jarlykdan geçjekdiklerini bilip şol oýtumyñ daşyna telpekleri örüşdirip, telpekleriñ ujundan uzynrak çöp dürtüp goýupdyr.
Oýtumlyk ýere giren duşman toparynyñ öñünden atly şol han çykyp: »Talan zatlaryñyzy, oljalaryñyzy, gelin-gyzlarymyzy, arabasy bilen goýup gitmeseñiz başyñyz ölümli, mallaryñyz eýesiz galar» diýipdir.
Muñ sözüni eşiden ýagylaryñ baştutany: »Hany gel al-aly bilseñ» diýipdir.
Han aga: »Daşyñ gabaldy seret daş töwereginñe diýipdir. Ýagylaryñ baştutanynyñ gözüne depedäki telpekler bukyda ýatan adam bolup görünipdir.
Ýagy näumytlyga gaplanyp: »Daşym gabaldy» diýip pikir edipdir. Şeýdip ol talan zatlaryny şol ýerde goýup eli boş halda çykyp gitmeli bolupdyrlar.
Şeýdip han aga arabalary bilen galdyrylan oljadyr, mallary, aýal-ebtatlary yzyna, obasyna sag-aman eltipdir.
Şonda başda göwünsiz han aganyñ yzynda gürlän ýaşuly: »Bäh bula »Syçmaz» eken» diýip hälki ýanyndaky ýaşulynyñ sözüni goldapdyr.
Şol hanyñ neberelerine bolsa »Syçmazlar» diýip at galypdyr.
Halk döredijiligi we rowaýatlar